# Sahypkyran Gutulmyş beg -14/ romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sahypkyran Gutulmyş beg -14/ romanyñ dowamy Ýigrimi dördünji bap

Gutulmyş öz maşgalasy, Tusdan Kelejara elten iki ýüz türkmen muzdary, gaýynatasy Bähram hakda ýagşydan-ýamandan habar eşitmek isläp, sakçylardan, owkat getirýänlerden sorap ugrady, ýöne onuň sowalyna hiç kim jogap bermedi. Biri hiç zat bilmeýändigini aýtsa, başga biri jogap bermekden heder edip dymdy.
Ol galanyň täze kutwalynyň kyrk-kyrk bäş ýaşlaryndaky, uzyn boýly, uzyn murtly, uzyn burunly puşdundygyny, adynyň Najypdygyny, emir-i-harasyň ýüzünden gar ýagýan gylzaýdygyny, adynyň Kahhardygyny, ikisiniň hem galada täze adamlardygyny anyklady. Emir-i-harasy Gutulmyş Gaplaň gaýasynyň ýanynda özi öldüripdi, ýöne Bähram diri bolmaly. Belki ony gullukdan kowandyrlar?! Belki, ony zyndana atandyrlar?! Gutulmyş Kelejar bilen baglanyşykly köp zatlary bilmek isledi. Hatyny Sünbüle hakdaky hakykaty eşitmekden welin gorkdy. Hakyt gorkdy. Ol hatyny Sünbüläni ýatlamazlyga çalyşdy.
Barybir, Sünbüle onuň aňyndan aýrylmady. Özem ol mydama Gutulmyşa nähilidir bir datly nahar iýdirjek bolýardy. Iýmek üçin garysyna galan pursady bolsa, adatça, aýňalýardy. Hakykatdan hem bile ýaşan döwründe Sünbüläniň esasy aladasy Gutulmyşyň gowy naharlanmagy bolupdy. Ol adamsynyň gowy naharlanmagy üçin gije-gündiz aladalanýardy. Delräk bir zat tapsa, ol zady oglundan hem ogryn adamsyna iýdirerdi.
«Men doýdum. Indi hiç zat iýesim gelenok» diýenden soň hem Sünbüle adamsyna birgiden zat iýdirýärdi. Gutulmyş käteler: «Bes et! Bes et indi. Men dok. Hiç zat iýesim gelenok» diýip gygyrýardy. Hatynynyň elindäki jamyny dökýärdi ýa-da eliniň ýeten ýerine zyňýardy. Gutulmyşyň gaharlanmasy Sünbülä degişli

däl ýalydy, ol, barybir, hyzmatyny kemmezdi. Ynha, indi ýedi aý bäri Sünbüläniň yhlas bilen iýdirmekçi bolan tagamlary Gutulmyşyň göz atuwynda peýda bolýardy. Käteler bolsa Sünbüläniň şol datly tagamlarynyň ysy-da burnuna gelýän ýaly bolýardy.

Eýsem häzir Sünbüle niredekä?

Süleýman Nyşapura aşdymyka?

Belki, ony ýolda tutandyrlar?! Men oňa: «Göni Kermana git» diýmeli ekenim. Belki, onuň baýlyklaryny alyp, özüni öldürendirler?!

Gutulmyş müň pikiriň başyny agyrdýardy. Ýöne anyk bir pikirde saklanyp bilmeýärdi. Nädip saklansyn?! Onuň anyk bilýän zady ýok!

Gutulmyş ýeke däldi. Onuň ýanynda Süleýman atly bir bendi bardy. Ol mydama Gutulmyşyň hyzmatyndady. Gutulmyşa ýaranmak üçin yhlas edýärdi. Başda Gutulmyş oňa o diýen üns bermedi, ýöne başga bir gürleşere adam bolmansoň, onuň bilen ýuwaş-ýuwaşdan ysnyşdy – onuň adynyň Süleýman bolmagy – ogluny ýatlatmagy hem ysnyşmagyna oňyn täsir etse edendir. Dogrusy, her sapar onuň adyny tutmaly bolanda ogluny ýatlaýardy.

– Men Senjap diýen täjiriň ýeke ogludym. Kakam meni molla berdi. Mollada okasym gelmedi. Bir gün ogryn mollanyň ähli kitabyny ýyrtdym. Muny derrew bildiler, okuwdan kowdular. Maňa geregi-de şudy. Kakam meni uzak argyşa äkitdi. Men humar oýnuna gyzykdym. Kakamyň ähli zadyny utdurdym. Kakam meni öýden kowdy. Kerwen bilen gidip, Kermana aşdym. Şäherde çykdajylaryň-girdejileriň hasabyny ýöredýän emeldaryň – mutassirifiň öýünde gulluga durdum. Bu ýerde gowy ýaşadym. Ýaşaýşyň gowy bolsa, her hili haram keýplere, güýmenjelere baş goşasyň geler eken. Menem mesligimi göterinip bilmän mutassirifiň gaznasyndan ogryn dinar alyp, humar oýnap başladym. Başda hepdede bir gün oýnaýardym. Soň günaşa oýnadym. Mutassirif dinarlarynyň azalýandygyny bilipdir. Ol meni öldürjek boldy. Men gorandym. Oňa agyr şikes ýetirdim. Gaçmaly boldum. Kelejar sebitine geldim. Bu ýerde ýerli emeldaryň – amiliň gullugynda durdum. Indi humar oýnuny taşlamagy, ähli adamlar ýaly ýaşamagy, maşgala gurmagy

ýüregime düwdüm. Amiliň asylly gyzy bardy. Ol maňa magşuk boldy. Men oňa: «Bilo, kakaň seni maňa bermez» diýdim. Bilo maksadyny enesine aýdypdyr. Enesem amile aýdypdyr. Amil dergazap bolup, meni öýünden kowdy. Men Bilony görmek üçin hepdede bir gezek amiliň öýüniň günbatar tarapyna bardym. Amil meniň gyzy bilen duşuşýandygymy bilip, «Meni öldürjek boldy, yzyna bolar-bolgusyz ykmanda jemläp topalaň turuzjak bolýar» diýip, meni zyndana dykdyrdy – diýip, Süleýman özüniň başdan geçirmesini Gutulmyşa gürrüň berdi. Gutulmyş onuň başdan geçirmesini göwünli-göwünsiz diňledi.

Ýigrimi bäşinji bap

Ol garaşýardy!
Juda garaşýardy.
Bir aý!
Bir ýyl!..
Üç ýyl garaşdy.
Dört ýyl garaşdy.
Bäş ýyl garaşdy.
Saçy, sakgal-murty duw ak boldy.
Günler, aýlar, ýyllar geçip durdy. Ol umytdan düşmezlige, umytly ýaşamaga çalyşýardy. Her bir gününi sanap, azatlyga çykjak, kakasy Arslan hana beren sözüni amal etjek gününe garaşýardy. Ol azatlyga çykyp etjek işlerini öz ýanyndan birin-birin ölçerip-dökýärdi. Azatlyga çyksa, maksadyna ýetmek üçin hiç hili müşgillik bolmajak ýalydy. Ol öz güýjüne ynanýardy. Islendik sandaky atly goşuny jemläp biljekdigine-de ynanýardy. Öň kakasynyň zyndandalygy oňa kössek bolupdy. Hawa, hakyky kössek bolupdy. Bir tutuma girişmekden saklanypdy. Sebäbi goşun jemläp Masuda garşy çyksa, onda onuň kakasyny jezalandyraýjakdylar, öldürjekdiler. Indi onda şol gorky-kössek ýokdy. Indi ony kakasy şol gorkudan, kössekden halas edipdi. Indi ony saklaýan zat diňe zyndandy. Zyndandan çykdygy aýaga galmakçydy. Gutulmyş kakasyna äht etdi, söz berdi. Kakasyna beren sözünde tapylmak üçin Gutulmyş galan ömrüni sarp etmekçidi. Maksady özüniň Seljuk Dukaka mynasyp

agtykdygyny, Ysraýyl Arslan hana mynasyp oguldygyny äleme äşgär etmekdi. Gutulmyş şu maksadyna ýetmäge beýik Subhandan güýç-gaýrat, ömür dileg edýärdi.
Zyndana habar getirdiler.
– Seljuk türkmenleri gaznaly türkmenlerden Horasany basyp alypdyrlar, soltanyň goşunlaryny Daňdanakan galasynyň ýanynda ýeňipdirler. Seljuklylar gaznaly esgerleri uçdantutma gyrypdyrlar.
Bu habarlar dilden dile geçdi. Käbir sakçy Gutulmyş begi ogrynlyk bilen mübärekledi.
Bu habar Gutulmyşyň dünýäsini çepbe çöwürdi.
Gutulmyş bu habara begenmedi.
Ýok, ýok, hiç begenmedi.
Gaýtam, gynanmak gynandy.
Gutulmyş kakasy ölende-de beýle ruhdan düşmändi.
Ol indi näme üçin, haýsy maksat üçin ýaşamaly?!
Onuň amal etjek işini Çagry bilen Togrul bitiripdir-ä!
Ýeri, indi Gutulmyşyň ýaşamagynda ne many bar?
Ol bir hepdeläp zyndanyň bir çüňkünde oturdy, hiç kim bilen gürleşmedi. Asyl onuň berilýän ölmez-ödi tötegini-de iýesi gelmedi. Bir hepdäniň içinde gözleri içine çöküp horlandy.
Bir hepdeden soňky habar Gutulmyşy aýaga galdyrdy.
– Soltan Masut hazzar gaçyp gutulypdyr.
– O nähili gutulypdyr? Dirimi ol?
– Diri.
– Nirede ol?
– Gaznada.
Gazna soltanlygy synmadymy?
– Synmady.
– Daňdanakan galasynda elli müň atly goşunyň ýeňilmegi soltanatyň syndygy dälmidir?
– Soltan Horasany seljuklylara beripdir. Hindiguş dagy täze dörän seljuklylaryň hökümdarlygy bilen Gaznaly türkmenleriň şalygynyň serhedi hasaplanypdyr.
Eý, Hudaý, «kyrk man agyrlykdaky şeşper»30 göterýän Masudy mugyra getirip biljek güýç ýok ýalydy.
Masudy gaçmaga mejbur etjek güýjem bar eken-ä!

Gutulmyş Masudyň gaçyp barşyny göz atuwynda janlandyryp, hoşnowaz ýylgyrdy.
Masut bilen ýigrimi bäş satgin boza içişlik eden pursadyny, Masudyň gübürdäp ýykylyşyny ýatlady.
Masudyň esasy ýykylmasy indi bolmalydy. Ony ýene Gutulmyş ýykmalydy, arman!..

## Ýigrimi altynjy bap

Gutulmyş bu ýerde bäş ýylyny boş geçirmändi. Ol zyndanda gozgalaň turuzmak hemem köşgi basyp almak maksady bilen ýaşaýardy.
Bu maksadynyň amal bolmagy üçin edilen işler az däldi.
Gutulmyş Gaznanyň zyndanyndaky sekiz müň bäş ýüz ýetmiş tussagyň içinden iki müňe golaý adamy özüne tabyn edipdi, ol adamlar islendik pursat hiç bir zadyň pikirini etmesizden Gutulmyşyň tabşyrygyny ýerine ýetirmäge taýýardylar. Her toparyň öz serdary bardy, şol serdarlaryň ählisi Gutulmyşa tabyndylar.
Gutulmyş diňe bir zyndanda ýatanlar bilen däl, zyndanyň garawullary, aýratyn hem mirşepleri bilen gatnaşygy ýola goýupdy.
Ol zyndanda ýatan ikinji aýynda emir-i-harasyň mirşepler boýunça naýyby Durmaz bilen ysnyşypdy. Gutulmyş Durmaz bilen köşge hüjüm etmegiň ýollaryny öwrenýärdiler. (Ýeri gelende aýtsak, Gutulmyş Durmaza köp mukdarda dinar, has takygy, elli müň dinar bermegi, şeýle hem dogduk diýary Nimruz welaýatyna31 häkim bellemäge wada beripdi).
Durmaz seljuklylaryň ýeňjekdigine ynanýardy. Sebäbi şäherde esasy gürrüň seljuklylar hakdady. Her kim seljuklylar bilen ýakyn gatnaşykda bolmak we janyny ajaldan halas etmek isleýärdi. Gutulmyş Durmazy Mukur şäherine Mady muhtasybyň ýanyna al-wusulatly32 ugradypdy we ondan ýüz müň dinar getirmegi tabşyrypdy. Otuz müň dinar Durmazyňkydy. Galan ýetmiş müň dinar gozgalaň turuzmak üçin (ol käbir garawullary, sahyplary, wezipeli adamlary satyn almak üçin gerekdi) peýdalanmalydy.

Gutulmyşyň Gaznanyň zyndanynda ýatandygyny eşiden Mady işden çykyp, bäş ýüz müň dinar bilen Gazna gelipdi, Durmazyň hemaýaty bilen harasa – zyndan gullugyna işe giripdi. Ol bir ýylyň içinde emir-i-harasyň üpjünçilik boýunça naýyby wezipesini eýeläpdi.

Mady Gutulmyşy hiç bir zada mätäç edenokdy. Onuň üçin her gün nahar taýýarlap iberýärdi. Egin-eşigi, düşegi ýuwlup-arassalanyp durulmagyna gözegçilik edýärdi. Her sapar Gutulmyşyň bolýan zyndanyna girende ýa-da ony duşuşyk geçirilýän ýere çagyranda ony berkden-berk gujaklaýardy, oňa tagzym edýärdi:

– Men şu ömrüme sygynara serdar tapman kösendim. Ahyr meni Allatagala saňa ýörite gowşurdy. Şol mahal näme üçin muzdaryň bolup yzyňa düşmändigim üçin özümi örtemek örtedim. Meniň mundan buýanky ömrüm seniňki bolsun, Dawut!

– Men Dawut däl, meniň hakyky oguz adym Gutulmyş, musulman adym Salyh.

– Meniň üçin sen Dawut! – diýip, Mady ýylgyrjaklady. – Sen näme diýseň, men şeýle hem adyňy tutaryn.

Şondan soň zyndanda gozgalaň turuzmagyň, zyndandan çykanlary ýarag bilen üpjün etmegiň, köşge hüjüm etmegiň ýollary öwrenilmäge başlandy. Göräýmäge, bu iş gaty gizlin edilýärdi. Hiç kim güman etmeýän ýalydy. Ýöne emir-i-haras ähli zady bilýän eken, ol Gutulmyşyň, Madynyň, beýleki adamlaryň gozgalaň etmek baradaky ähli gürrüňlerini eşidip ýören eken.

Gozgalaň edilmeli gün soltanyň weziri Ahmet Meýmendiniň başda durmagyndaky iki müň saýlama esger bukuda duran eken.

Ýassy namazyndan soň gozgalaň başlandy. Madynyň, Durmazyň ýolbaşçylygyndaky adamlar zyndanlaryň gapylaryny açyp çykdy. Adamlar teşnelik bilen bosgun bolup daşaryk okduryldylar. Daşarda olara ýatagan garaşýardy.

Iki araba ýaragdan mas ýüklenendi, ýöne zyndandakylar bosup ugran dessine soltan esgerleri arabalary duran ýerinden alyp gidipdiler.

Zyndanyň öňündäki giň meýdanda soltanyň esgerleri peýda boldular.

Tussaglaryň yza baraslary gelmeýärdi. Şonuň üçinem tussaglar

soltan goşunynyň sag ganatyny böwüsmek üçin günorta tarapa okduryldylar.
Başa-baş söweş uzaga çekdi. Bu söweş Gutulmyşyň köpden bäri küýsäp ýören darkaşydy. Her günki türgenleşikleri oňa kömege ýetişdi. Ol hiç kimi ýanyna getirenokdy. Ol kim ýakynyna gelse, mähetdel ýatagandan geçirýärdi.
Zyndanyň derwezesiniň öňündäki meýdan gyrmyzy gana boýaldy.
Başa-baş darkaşda Mady agyr ýaralandy.
Gutulmyş ylgap Madynyň düýrügip ýatan ýerine bardy. Onuň döşünden ýatagan sokan esgeri kerçim-kerçim etdi.
— Mady, mert bol! — diýip, Gutulmyş onuň başyny galdyrdy.
— Wah, doganym, saňa «Patyşahy älemim» diýip ýüzlenjekdim. Allatagala meniň bu islegimiň amalyna puryja bermedi, iň soňky pursadymda seni görüp ölýänligim üçin men özümi buýsançly duýýaryn. Gutulmyş, Mukurda meniň ýalňyz oglum galdy. Sen oňa eýe çyk. Goý, ol meniň ýetip bilmedik arzuwyma ýetsin!
— Ogluňa hökman eýe çykaryn. Men ony gözümiň göreji ýaly gorap saklaryn, doganym.

## Ýigrimi ýedinji bap

Gutulmyş şu günki güne gaty uly umyt baglapdy. Ol bu güne bäş ýyllap garaşdy ahyryn!
Eger Durmaz, Mady dagy bilen dilleşen işleri amal tapan bolsady, onda bu wagt Gazna şäherindäki soltanyň köşgünde Masudyň ogly Möwdud däl-de, Gutulmyş oturardy.
Ýene zyndanda oturmalymy? Gutulmyş begiň bu sowalyna zyndana giren Süleýman jogap berdi:
Ol:
— Buşluk! Buşluk! Seni boşadýarlar! Menem boşadýarlar! — diýip, diriň-diriň bökdi. Ol bu habara Gutulmyş begenmek begener öýdüpdi. Ýöne onuň bolşy welin, begenmek duýgusyny ýitirene meňzeýärdi. Ol gözlerini petredip Süleýmana ýöne seredip durdy. Onda hiç hili begenç alamatynyň ýoklugyna Süleýman geň galdy:
— Begim! Eşidýärsiňizmi, sizi azat edýärler!
— Eşidýärin.

– Onda näme üçin begenmeýärsiňiz?!
Gutulmyşyň sesi gaharly çykdy:
– Nähak zyndanda ýatyp, nähakdygy bilnip, azatlyga çykamda begenmelimişimmi? Entek bu sütem üçin Masut jogap bermeli bolar!
– Aý, ýok, indi Masut hiç zada jogap berip bilmez.
– Berer.
– Ol aýatda ýok. Onuň kellesini kesip Kesriden Gazna getiripdirler.
– Wa-weýla, şeýlemi?
– Siziň doganlaryňyz Çagry beg bilen Togrul beg Horasany basyp alypdyrlar. Hindiguş daglary indi Gazna şalygy bilen seljuklylaryň şalygynyň serhedi bolupdyr. Seljuk begleri sizi zyndandan boşatmagy talap edipdirler. Soltan Möwdud sizi boşatmaga söz beripdir.
Bu habary eşiden Gutulmyş Süleýmany ilkinji gezek görýän ýaly çiňerilip esli salym seretdi. Soňam düşegine geçip ýatdy.
– Begim, meniň aýdan habarym siz üçin begençli habar dälmi?
– Onuň saňa näme dahyly bar?
– Meni häzir zyndandan boşadýarlar. Zyndandan çykyp nirä gitjegimi bilemok. Babam wepat bolupdyr. Onuň ähli baýlygyny soltanatyň haýryna geçiripdirler. Dogrusy, mende barara gapy ýok. Bilony eýýäm başga birine äre berendirler. Eger garşy bolmasaňyz, men siziň jylawdaryňyz bolaýyn. Näme buýursaňyz ederin.
Gutulmyş sesini çykarmady.
Zyndana iki sany jandar girip, Süleýmana ähli goş-golamyny alyp çykmalydygyny aýtdy.
Süleýman begenjine guş bolup uçaýjak bolýardy. Ol zyndanda ýatanlar bilen hoşlaşdy, olaryň bu ýerden tiz çykyp öýlerine barmaklaryny dileg etdi.
Şol günüň ertesi daňdan Gutulmyşy suwa düşürdiler. Sakgal-murtuna timar berdiler. Kaşaň otagda naharladylar. Megerem, onuň naharlanyşyna keseden seredip duran bolarly, emir-i-haras Gutulmyşyň ýanyna geldi. Küýzeden şerbet guýup içdi. Gutulmyşa hem şerbet guýup berdi.
– Gözüň aýdyň, Gutulmyş, soltanymyz Möwdud ibn Masut seni azat

etmek barada perman berdi. Sen indi azat adam. Indi zyndana barmarsyň. Iki ýüz sany seljuk sizi alyp gitmek üçin yzyňyzdan geldi. Olar häzir siziň naharlanyp bolaryňyza garaşýarlar…

Ýigrimi sekizinji bap

Gazna şäheriniň juma metjidiniň gündogaryndaky zyndanynyň äpet derwezesiniň her tarapynda bir sakçy durdy.
Derwezäniň öňi giň meýdan. Bu meýdandan Balha tarap uly ýol geçýär.
Ýoluň aňry çetinde kaşaň öýüň öňünde alty sany türkmen ýigidi atlarynyň rişdelerinden tutup, zyndanyň derwezesiniň açylaryna daňdandan bäri mukytlyk bilen garaşyp durdylar. Wagtyň geçmegi bilen olaryň ertirki uzyn kölegeleri kiçelip-kiçelip bir garyş bolupdy. Kölege gysgalmak babatdaky soňky hetdine ýetende zyndanyň derwezesi açylyp, garaşylýan adam daşaryk çykdy. Onuň ýanynda emir-i-haras bardy. Ol ýanyndaky kişä köçäniň aňry çetinde özlerine bakyp duran atlylary görkezip, nämedir bir zatlar diýdi.
Zyndanyň derwezesinden çykan, elbetde, Gutulmyş ibn Arslan ýabgu ibn Seljuk ibn Dükakdy.
Iki ýüz ýigide baş bolup, Gazna şäherine Gutulmyşyň dogany Resultegin gelipdi. Zyndanyň derwezesiniň öňüne Resultegin bäş sany ýigidi bilen gelipdir.
Derwezeden daşaryk çykan Gutulmyş ýagty jahany teşnelik bilen synlady. Bu günki güne ýetjegi ýalan ýaly duýulypdy ahyryn.
Garaşylan şol arzyly gün.
Gutulmyş türmäniň derwezesinden çykyp, töwerek-daşyny teşnelik bilen synlady. Onuň aňynda bu meýdana seredende bir pikir peýda boldy. Ol hem öňňinki bu ýerde bolan aýylganç gyrgynçylykdy. Meýdana al gan ýaýylypdy. Basylyp ýatan maslyklaryň sany-sagajy ýokdy.
Maslyklary ýygnapdyrlar.
Gan tegmilleri welin şindem bardy. Ýeriň ýüzündäki ganlar gyrylyp aýrylan-da bolsa, tegmilleri galypdy.
Gutulmyş üçin welin, meýdan şindem al gana boýalan ýalydy. Ol Madynyň, Durmazyň wepat eden ýerlerini hyrçyny dişläp synlady.

Hana, biraz günbatarda alty kişi dur. Olar ýoldan eýläk-bäýläk geçip barýan kişilere meňzänok. Olar Gutulmyşdan gözlerini aýyrman durlar. Özem olaryň egin-eşikleri gaznalylaryňky deýin ak däl, olaryň egninde Gutulmyşyň gözüne yssy görünýän gyrmyzy dony bar, olaryň başynda Gutulmyşa tanyş peşi bar. Eý, Hudaý, ol duranlar seljuk ýigitleri! Eger olar seljuk ýigitleri bolsa, onda olary Gutulmyş tanamazmy heý-de! Ol duranlar emir-i-harasyň: «Seni Horasana alyp gitmek üçin iki ýüz sany seljukly gelipdir» diýýän seljuklylary bolmaly.
Gutulmyş olara bakan ýöräp ugrady.
Doňan ýaly bolup duran seljuk ýigitleri-de olara bakan gujak açyp gaýtdylar.
Olar ylgadylar.
Gutulmyş öňden gelýäniň öz mähriban dogany Resultegindigini bada-bat tanady!
Şol!
Resultegin ylgap gelşine gygyrdy:
— Gutulmyş! Agam, bu men Resultegin!
— Resultegin! Inim!
Iki dogan garsa gujaklaşdy.
— Ýigrimi ýyllap saňa, şu pursada intizar bolup ýaşadym. Seni şeýle bir göresim geldi. Doganym, seni biçak göresim geldi. Gijelerine düýşüme girdiň.
— Doganym! — diýip, Gutulmyş Resulteginiň ýüzünden, eginlerinden sypady, seretdigiçe seredesi, mährini gandyrasy geldi. — Meniň mähriban doganym Resultegin! Meniňem seni göresim geldi.
— Gutulmyş, hany, babam?! — diýip, Resultegin gorkuly seslendi.
— Babammy?!
— Hany, babam? Gutulmyş, hany, babam?!
— Babam ýok, Resultegin…
— Bar diýdiler-ä?! Ynha, häzir derwezeden çykar diýdiler-ä?
Iki dogan biri-birini gujaklap, ses edip agladylar.
— Gutulmyş!.. — diýip, Resultegin doganyny gujagyndan goýbermäge gorkýan ýaly, berkden-berk gujaklady. — Men mähriban babam hem derwezeden görner öýtdüm. Sen babamy goýup

derwezeden ýeke çykdyň. Kim ynanar?! Wah, doganym, babam ikiňiziň didaryňyza zar bolup, ýeke ýere çykyp: «Baba-ow, Babam-ow!» diýip, soňundan seniň adyňy tutup: «Gutulmyş, Gutulmyş!» diýip gygyryp, bagyryplar aglap göwnümi egisdim.

— Seniň didaryňy görmek bar eken maňa — diýip, Gutulmyş Resultegini ysgap-ysgap gujaklady. — Mährimi bir gandyraýyn-a men. Göwün suwsasa, teşnelikdenem agyr degjek eken.

Gutulmyş soňundan daýylarydyr ýegenleri bilen gujaklaşyp görüşdi.

— Ýörüň, bu ýerden tizräk gideliň. Biz iki ýüz sany ýigit bolup geldik. Ýigitlerimiz şäheriň daşynda. Şähere bolsa alty sany bolup girdik. Ýörüň, özümiziňkileriň ýanyna baralyň. Ine, seniň üçin at getirdim. Hany, mün! Kömekleşeýin…

— Ýok, ýok, Resultegin! Beýle söz aýtma. Men bu bedewiň üstüne uçup münerin! Ysgynsyzam bolsam, ata böküp münmäge tap taparyn. Ata ýakynlaşsam maňa güýç-kuwwatyň öz-özi gelýär. Ata münsem gulanalma bolaryn.

Gutulmyş dogry aýdan eken, ol bir bökende ata mündi.

Olar ýola düşdüler.

## Ýigrimi dokuzynjy bap

Şäheriň günbatar çetinde iki ýüz seljuk ýigidi Gutulmyş daga garaşyp duran eken. Gutulmyş olar bilen ýeke-ýekeden gujaklaşyp görüşdi, salamlaşdy.

— Siz maňa Nur sährasynyň mylaýym şemalyny ýatladýarsyňyz, bu şemal Hudaýyň demi deýin ýakymly. Içim-içime syganok. Hany, ýaşlygy ýatlalyň!

Gutulmyşyň bu sözüne garaşyp duran ýaly, ähli seljuk ýigitleri biri-birine elýeter aralykda hatar bolup, ýanaşyk oturdylar.

Soltanyň bäş ýüzden gowrak gulamy atlaryndan düşmän seljuklylaryň boluşlaryny seslerini çykarman synlaýardylar.

Seljuk ýigitleri ellerini iki tarapyndakylaryň eginlerinde goýup, gözlerini süzüp oturdylar. Hiç kimden ses çykanokdy.

Göräýmäge, iki ýüz seljukly dymyp, aýbogdaşyny gurup oturan ýalydy, ýöne bir güňleç ses ýeriň aşagyndan çykýan ýaly eşidilip ugrady. Özem ol güňleç ses birsydyrgyn batlanyp gidip

barýardy. Ses ýeriň aşagyndan däl, seljuk ýigitleriniň içlerinden çykýardy. Olar bokurdagynda ses edýärdiler. Ol ses bolsa, ýer yranmasynda çykýan sese çalym edýärdi.
Üznüksiz güwwüldi sesi kem-kem batlanýardy.
Seljuk ýigitleri şindem gözlerini süzüp otyrdylar.
Hataryň her ujundan iki ýigit ör turup, biri-birine bakan ýöräp ugrady. Olar uzyn hataryň ortasyna ýetip, biri-birine bakyp saklandylar.
Birden sazlaşykly sözler ýaňlanyp başlady. Oturan ýigitler biri-biriniň eginlerinden ellerini aýyrman biri-birine bakyp duran dört ýigidiň daşyndan aýlanyp, rakys oýnamaga başladylar. Asyl, saz guralynyň ýoklugy duýulmaýardy hem seljuk ýigitleri saz gurallarynyň sesini küýsetmän göwün galkyndyryjy güwwüldeýärdiler, birsyhly «jan-jan!» diýip gaýtalap gygyrýardylar.
— Jan-jan!
— Jan-jan!
«Jan-jan» diýen sözler rakysyň oýnalyşyna görä birde ýuwaşaýardy, birde hem ýygjam gaýtalanýardy, birde batlanýardy. Seljuk ýigitleri şeýle bir ussatlyk bilen oýnaýardylar. Olar bir wagtda towsup aýaklaryny ýerden üzýärdiler hem «jan-jan» sözleriniň arasy bilen «haleý-haleý» diýip gaýtalaýardylar.
Seljuk ýigitleriniň rakys oýunlaryna göwünleri galkan soltan gulamlary atlarynyň üstlerinde oturyşlaryna özleri bilmezden rakysa goşulyp hereket edýärdiler.
Seljuk begleri şeýle bir çalasyn oýnaýardylar, olaryň oýnaýyşlaryna seredeniňde göwnüň göterilýärdi, onsoň ol oýna goşulmaz ýaly däldi.
Oýun uzaga çekdi.
Rakysçylar öl-myžžyk bolup derlediler. Olardan şalpy-şaraň der akýardy.
Gutulmyş ýüzünden akýan burçak-burçak deri ýeňine sylyp, sag elini göterdi. Seljuk ýigitleri rakys oýnamalaryny goýdular-da, oňa seretdiler.
Ol özüni aşak goýberdi. Soňam süýnüp ýatdy.
Derler gaýdyşyp, biraz dynç alnansoň, Gutulmyş asmana seredip

ýatyşyna dikine gygyrdy.
– Kynyklary-ym-how! Gara gözleri-im!
Ýüzin süýnüp ýatan seljuk ýigitleri birbada jogap berdi:
– Ho-o-ow! Beg agam, begler agam!
Seljuk begleriniň birbada gygyrmagy uzaklara ýaňlanyp gitdi.
– Göwün tebük33 oýnuny küýseýär-how!
– Gutulmyş beg, göwnüň göwnüne degip bolmaz. Ugramaga mydama ýetişeris. Bu gün ýedi yklym seljuk begleriniňkidir!
– Araňyzda tepükliňiz barmydyr-how?!
– Seljuk ýigitlerinde ýok zat bolmaz. Eger begiň küýseýän zady ýok bolsa, onda ol ýigitlere seljukly diýip bolmaz.
Seljuk ýigitleri on-ondan iki topara bölündiler.
Oýnuň maksady seljuk ýigitlerine düşnüklidi. Maksat Gutulmyş begiň göwnüni ýumşatmakdy. Tar-tar bolup duran dartgynly hyjuwyny, damarlaryny gowşatmakdy. Ony kadaly durmuşa gaýtaryp getirmekdi. Iň esasy, ony köşeşdirmekdi. Der gelse, dert gidýär. Gutulmyşy adaty durmuşa getirip biljek zat – der. Özem ol deriň mejburylykda däl-de, hoşma-hoşyn çykmagy gerekdi.

* * *

Oýun başlandy.
Tepük, köplenç, Gutulmyşdady. Munuň sebäbine seljuk ýigitleriniň düşünişi ýaly, Gutulmyş-da düşünýärdi. Ol köşeşmek isleýärdi. Tepügiň yzyndan ylgap hyjuwyny egisýärdi.
Oýun garaňky gatlyşýança dowam etdi. Wagtyň gijigendigi üçin, ýola düşmegi ertire goýdular.
Ýüzüňi garaňka tutup ýola çykyp bolmaz. Ýüzüňi garaňka tutup ýola çykmak bu gorkynyň ýa ogryn matlabyň alamaty.
Uly meýlis başlandy.
Wezir Ahmet Meýmendiden çapar geldi:
– Meýlisi, şowhuny Gazna şäherinden bir menzil uzakda geçiriň. Gaznanyň asudalygyna päsgel bermäň!
Bu habara Gutulmyş geň galdy:
– Ahmet Meýmendi akyldar bolmaly ahyryn!..
– Weziriň emri şeýle! – diýip, Gaznadan gelen atly hemleli aýtdy. – Derrew bu ýerden gidiň!
Gutulmyş zyndanda geýen eşigini, hokgasyny zerli mata bölegine

dolap, hemleli çapardan Ahmet Meýmendä «hedýe» gönderdi.
Gutulmyş beg Ahmet Meýmendä hedýe göndereninden soň, soltanat: «Seljuklylara hiç zat diýmäliň, olar bu ýerde indi uzak durmazlar» diýen pikire gelen bolarly, soň olara hiç kim hiç zat diýmedi. Bäş ýüz sany soltan gulamy seljuklylaryň howpsuzlygyny gorady. Olaryň dört tarapynda ýerleşip, uzak gijäni ot ýakyp garawulçylyk edip geçirdiler.
Meýlis ýarygijä çenli dowam etdi. Rakys oýnap, aýdym aýtdylar. Salyr Gazan hakdaky aýdym seljuk beglerine ganat berýän iň ýörgünli aýdym. Bu aýdym her meýlisde aýdylýar. Ol aýdym bu gijeki meýlisiň hem baş aýdymy boldy.
Resultegin tamdyrasyny çalyp, oturanlaryň arasyna aýlandy. Ol aýlanyp ýörşüne aýdym aýdýardy:

– Bir gazanga kyrk bir atnyň etni saldy,
Ol gazanny sol elgi birle aldy.
Sol elgi birlen ilge üleştürdi,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Her bendiň soňky setirini iki ýüz esger dört-bäş gezek gaýtalap, biri-birine buýsanç bilen seredýärdiler. «Juk-juk» edişip, başyny ýaýkaýardylar. Soňam iki ýüz seljuk ýigidi bir demde:
– Gazan kibi alp olmaz! – diýip gygyrdy.
Resultegin ýene aýdymyny dowam etdi:

– Otuz-kyrk müň leşger birlen Gazan baryp,
It beçene illerini keldi kyryp.
Bir nijesi gutuldylar köp ýalbaryp,
Alplar, begler, gören barmu Gazan kibi?

Ýene seljuk ýigitleriniň sesleri al-asmana galdy:
– Gazan kibi alp olmaz!
Ot uludan ýakylypdy. Iki ýüz seljuk ýigidi oduň daşyna egele gurap otyrdylar.
– Eý, begler begi! – diýip ýigitler onuň hoşuna gelmäge çalyşýardylar. – Aýdyň. Göwnüňiz näme isleýär? Siziň ähli islegiňizi derhal amal ederis.

Muskasy rakiýadan doly Gutulmyş serhoşlukdan ýaňa entirekläp ýerinden turdy:
– Meniň kynyklarym-how!
– Howw!
– Sizden bir towakgam bar.
– Bir towakga juda az bolýar, iň azyndan kyrk-elli towakga et! Onsoňam, sen towakga etmeli adam dälsiň. Sen bize buýurmalysyň, çünki sen biziň patyşahy älemimizsiň.
– Ýok, ýok, ýok! Men siziň patyşaňyz däl.
– Ýigitler! – diýip, uzynlygy bir arşyndan-da artyk bolan gara murty depesinde şemala baýdak bolup galgaýan kişi elindäki ýataganyny bulaýlap gygyrdy: – Bu näme boldugy? Gutulmyş beg biziň patyşamyz dälmidir?
Ähli kynyk ýigitleri jem bolup gygyrdy:
– Gutulmyş beg külli musulmanyň patyşasydyr.
– Ýok, ýok. Men patyşa däl. Patyşa Togrul! Patyşa Çagry.
– Sen olaryň-da patyşasy!
Gutulmyşyň töwellasy alynmady, ähli ýigitler oňa «patyşahy älemim» diýip ýüzlendi.
Bu mahal mesele çözüljek däldi, çünki bu mahal ähli seljuk ýigitleri keýpi-sapadady.
On ýigit ýetişibildiginden oduň başynda derläp, mes bolup oturan ýigitleriň muskalaryna meý guýýardy.
Meý, rakiýa suw deýin içilýärdi.
Rakiýa aragy üstün çykdy: serhoş bolan seljuk ýigitleri oturan ýerlerinde uklap galdylar.
Daňdan oýanan Gutulmyş ilkinji gezek görýän ýaly, Resultegin bilen täzeden gujaklaşyp görüşdi. Soň ol ähli seljuk ýigitleri bilen ýeke-ýeke elleşip salamlaşyp çykdy.
Seljuk ýigitleri Gutulmyşyň adyny gaýtalap gygyryp, ony hangöter edip, ýokary oklap gapmaga başladylar.
Gutulmyşy uly hormat-dereje bilen ýöriteläp getiren lowurdap duran saý al gyrmyzy bedewe mündürdiler.
Resultegin beg iki ýüz seljuklynyň öňüne düşüp, dabaraly nutuk aýtdy:
– Eý, Allatagalanyň saýlan, sylan kynyklary!
– Howw!

– Meni diňläň! Şerhim bar!
– Howw!
– Beýik Perwerdigär beýik maksatlara ýetirjek bendesini uly, güzaply synaglardan geçirýänmidir?!
– Geçirýändir!
– Görkli Taňry Arslan ýabgunyň, onuň ýanyndaky ýüz elli ýegre ýoldaşynyň başyna ýowuz takdyr saldy. Görkli Taňry Gutulmyş Salyh begi şol ýüz elli seljuklynyň içinden aman alyp galdymy?
– Galdy!
– Görkli Taňry Gutulmyş begi pida edip bilýärdimi?
– Bilýärdi!
– Pida etdimi?
– Pida etmedi!
– Gutulmyş beg ýigrimi ýyldan soň bu dünýä täzeden geldi. Görkli Taňrynyň Gutulmyş bege beren ikinji ömri külli musulman üçin haýyrly bolsun!
– Haýyrly bolsun!
– Gutulmyş begiň ikinji ömri gutly-düşümli bolsun!
– Gutly-düşümli bolsun!
– Gutulmyş begiň ikinji ömri şöhratlardan doly bolsun!
– Şöhratlardan doly bolsun!
– Gutulmyş patyşamyza salamat bolsun!
– Gutulmyş patyşamyza sahawat bolsun!
– Gutulmyş patyşamyza salawat bolsun!
– Gutulmyş patyşamyz, ömrüň uzak bolsun!
– Gutulmyş patyşamyz, biz seniň bilendiris!
Resultegin sag elini döşünde, sol elini depesinde goýdy.
Atlylar Resulteginiň indiki diýjek sözüne garaşdylar.
– Beýik Perwerdigärden Seljuk Dukakyň ilkinji agtygy, Arslan ýabgunyň ilkinji ogly, ähli kynyklaryň, ähli seljuklylaryň göz-guwanjy Gutulmyş bege uzak ömür, söweşlerde gaýduwsyzlyk dileg edýäris!
– Omyn!
– Gutulmyş begiň Çagry bege, Togrul bege mynasyp egindeşlikde dar as-yslam dünýäsiniň çägini giňeltmekde rowaçlyk dileg edýäris!
– Dileg edýäris!

Gutulmyş beg saý bedewini säpjedip Resulteginiň ýanyna bardy. Öňünde duran atlylary guwanç bilen synlady.

– Ýigitler, meniň ömrüm siziňkidir. Men galan ömrümi külli musulmanyň parahatçylygy, agzybirligi, bolçulygy üçin göreşe bagyş ederin. Bu – meniň ala meýdanda, Beýik Perwerdigäriň öňündäki, beýik Arslan hanyň ruhunyň öňündäki, siziň öňüňizdäki ähtimdir! Dünýä üýtgär – ähtim üýtgemez!

Atlylar edil öňünden dilleşen ýaly, jem bolup gygyryşdylar:

– Gutulmyş patyşamyza salawat bolsun!

– Gutulmyş patyşamyza salawat bolsun!

– Gutulmyş patyşamyza sahawat bolsun!

– Ýigitler, bize ýol garaşýar.

Seljuk gerçekleri niredesiň Merw diýip ýola düşdüler.

## Otuzynjy bap

Merw ýolunda Resultegin Gutulmyşa ýigrimi ýylyň içinde seljuk durmuşynda bolup geçen wakalaryň esasylaryny:

–Arslan ýabgu soltan Mahmydyň gazabyna duçar bolansoň, Baýgu Kelan Musa begiň ogly Ýusubyň ýabgu göterilendigini; ýöne onuň ömrüniň gysga ýazylandygyny – Alyteginiň hilegärliginiň pidasy bolandygyny, Alyteginiň emri bilen ony emir Alp Garanyň öldürendigini; Altyndaşdan Jürjaniýany Jendiň häkimi Şamälik ibn Alynyň basyp alandygyny; Arslan ýabgunyň Balkan sebitlerine gönderen seljuk begleri Bukanyň, Gyzylyň, Dana Mansuryň, Enesioglynyň öňlerinde goýlan wezipelerini birkemsiz ýerine ýetirip ýören başbugdyklaryny; olaryň hersiniň özbaşdak goşunynyň, jemagatynyň bardygyny; olaryň Jibalda öz patyşalyklaryny döredendiklerini; Çagrynyň, Togrulyň başda durmagynda seljuklylaryň bäş ýyllap Masut bilen uruş alyp barandygyny; iň soňunda hem Sarahsdan uzakda bolmadyk Daňdanakan galasynyň ýanynda gaznalylary kül-peýekun edip ýeňendiklerini; Masudyň gaçandygyny, netijede Masudyň Horasandan el üzendigini hemem Togruly Horasan döwletiniň patyşasy diýip ykrar edendigini; özara serhetleriň anyklaşdyrylandygyny; özara ylalaşykda Gutulmyşy zyndandan boşadyp, Horasana göndermek borç edilip goýlandygyny;

aýratynam Daňdanakan söweşinden soňky geçen üç ýyla golaý wagtyň içinde köp özgerişlikleriň bolup geçendigini, Çagry begiň Horasanda, Togrulyň Jibalda patyşalyk edýändigini, seljuk şalygynyň üç ýyla golaý wagtyň içinde aşa giňändigini, iki doganyň – Togrul bilen Çagrynyň özüne sabyrsyzlyk bilen garaşýandyklaryny gürrüň berdi.
Gutulmyş inisiniň gürrüňlerini sesini çykarman diňledi, soňam sesini çykarmady. Onuň dymmasy Resultegini kejikdirdi. Ol:
– Ikimiziň ikiçäk hylwaty gürleşmegimiz gerek – diýip, Gutulmyşa pyşyrdap aýtdy.
– Seniň näme hakda aýtmakçy bolýandygyňy men çak edýärin – diýip, Gutulmyş inisine ýüzlendi: – Gel, şol gürrüňi etmäli. Ham-hyýal bolmaly.
– Netije çykarmaga howlukma, ilki meniň pikirimi diňle. Men indi mundan ýigrimi ýyl öňki Resultegin däl.
«Gel, şol gürrüňi etmäli!» diýse-de, Gutulmyş inisi bilen iç döküşesi, iň esasy bolsa, mundan buýanky edilmeli işleri, nähili ýaşamalydygyny maslahatlaşasy gelýärdi. Onuň mundan ýigrimi ýyl owalky maksatlary bu gün dürli sebäplere görä ähmiýetini ýitiripdi, çünki onuň ar almakçy adamlary eýýäm aýatda ýokdy.
Onuň maksady Gadyr handan ar almakdy.
Onuň maksady Mahmyt Gaznalydan ar almakdy.
Onuň maksady Masut Gaznalydan ar almakdy.
Ýöne bu gün olaryň üçüsem älemde ýokdy.
Indi näme etmeli?!
Çagrydyr Togrul bilen nähili gatnaşykda bolmaly?
Maksatsyz ýaşap bolmaz.
Ýaşamagyň hatyrasyna ýaşamalymy?
Gutulmyş kakasyna beren wadasyny ýatlady.
Eýsem ol kakasyna beren sözünde nädip tapylyp biler?
Allatagala özüne näme üçin ömür berdi?! Elbetde, Allatagala ony ýüz elli seljuklynyň içinden aman alyp galdy.
Maksat Arslan ýabguwa berlen sözde tapylmak bolsun gerek.
Ýöne nädip?!
Belki, Resultegin gowy ýol görkezer?! Şu maksat bilen Gutulmyş inisi bilen açyk gürleşmegi makul tapdy:

– Olar seniň göwnüňe degýärlermi?
– Ýok, olar şu güne çenli meniň göwnüme degmediler. Olar maňa uly ynam bildirýärler, hatyralaýarlar.
– Patyşalyk ýer berdilermi?
– Hawa, berdiler.
– Haýsy ýeri?
– Hyrat welaýatyny.
– Salgyt tölemelimi?
– Öňki tölenýän salgytdan on esse az salgyt töleýärin.
Resulteginiň göwnühoşlugy Gutulmyşyň hoşuna gelmedi, ýöne hiç zat diýmän ýoluny dowam etdirdi.
Olar iki gün ýol ýörediler. Üçünji gün Hindiguş dagynda dynç aldylar.
Olar Hindiguş dagynyň adam aýagy sekmejek, gürrüňlerini hiç kimiň diňlemejek gullasyna çykdylar.
Iki dogan gullanyň üstünde durup alyslyklary synlady.
– Sergin şemalyň jana dilnowazdygyny! – diýip, Gutulmyş teşnelik bilen dem aldy. – Bu howadan doýup bolmaz.
– Şu ýerde jaýlaşykly oturaly.
– Oturaly – diýip, Gutulmyş aşak – iki ýüz ýoldaşyň duran ýerine seretdi. – Gaty ýokary çykypdyrys. Kinniwanja bolup görünýär ýigitlerimiz.
– Gowy-da şol, gürrüňimizi diňlemezler.
– Olar şu ýere çykyp näme gürrüň etjegimizi aňýan däldirler öýdýärsiňmi?
– Näme aňsalar şony aňsynlar, eden gürrüňlerimizi gulaklaryny gerip diňlemeseler bolýar.
– Seniň aýtmakçy bolýan hylwaty sözüň bar, özem ol hylwaty sözüňi aýtmaga howlugýarsyň, aýdyber! – diýip, Gutulmyş çakyr daşyň üstünde uzyn süýnüp ýatdy.
Resultegin agasynyň gapdalyna baryp çökdi:
– Sen meniň sowallaryma jogap ber, Gutulmyş! Biz – Ýusup, Muhammet, Dawut dagymyz jemlenişip, başa bir iş düşse, birek-birege kömek etmeli diýişdikmi?
– Diýşipdik.
– Onda näme üçin bizi kömege çagyrmadyň?!
– Çynymy aýdaýynmy?

– Elbetde, çynyňy aýt!
– Çynymy aýtsam, siziň ýanyňyza kömek sorap barmaga tekepbirligim ýol bermedi! Men kömek soramagy özüme kiçilik bildim. Ähi zady özüm düzetmek isledim. Munuň üçin Arslan han meni tas öldüripdi. Öz ýalňyşyma düşünýärin, ýöne men bu ýasawymdan indi çykyp bilemok. Babam käýedi, urdy, indi senem käýe, ur!
– Babam hak käýäpdir. Tutumyň kiçiligi urdy, şeýle hem ýekeligiň üçin sen zyndana düşdüň. Ýöne meniň häzirki aýtmak isleýän zadym düýpgöter başga zat hakda.
– Aýdyber, doganym.
– Sen maňa açyk jogap ber.
– Gözüm üstüne.
– Seljuk jemagatynyň ýabgusy Arslan hanyň özünden soň ogly Gutulmyşyň ýabgu bolmalydygy hakdaky sargydy ýadyňdamy?
– Ýadymda.
Gutulmyş asmana seredip ýatyşyna jogap bermäge howlukmady. Ol Muhammet pygamberiň baýdagy deýin kir-kimirsiz göm-gök asmana seredip, mylaýym ýylgyrdy.
– Resultegin, sen ýok zadyň gürrüňini edýärsiň.
– O nähili ýok zadyň?
– Geçen günlerem, geljek günlerem – ýok zatlar, olar biziňki däl. Ol ikisi Beýik Perwerdigäriňki. Bize, ine, şu pursat, şu heminzaman berlen. Men ýigrimi ýylyň içinde juda köp zada hakyl ýetirdim. Ilki bilen, ertirki günüň bize degişli däldigine akyl ýetirdim. Özümiziň bu dünýäge gelmişekdigimize akyl ýetirdim. Adama juda köp zat gerek, ýöne az zat bilenem ýaşap bolýandygyna akyl ýetirdim. Men ýigrimi ýylda Gurhany gaýtalap-gaýtalap ýat tutdum. Gurhandan köp zatlara akyl ýetirdim. Men ähli ylym ýyldyz hem millet ylymlarydyr öýderdim. Ýok, Gurhany kerim durşuna ylym eken. Biler bolsaň, Gurhany kerimiň dördünji süresinde «…Adam gaty ejiz edilip ýaradylandyr» diýilýär. Näme üçin? Biler bolsaň, Gurhany kerimiň on ýedinji süresinde: «…Adam howlukmaç bolmaga gönükdirilendir» diýilýär. Näme üçin? Biler bolsaň, Gurhany kerimiň ýetmişinji süresinde: «Adam agyp-dönüp durar ýaly edilip ýaradylandyr» diýilýär. Näme üçin? Meniň üçin adamzat

şu üç süräniň üstünde ýaşaýar. Meniň göwnüme bolmasa, adamyň bagtam-betbagtlygam şu üç süräniň özeninde. Sen şu üç süräniň düýp manysyna düşünseň, maňa häzirki sözleriňi aýtmazdyň. Adam gaty ejizdir, Resultegin, ynan. Ikimiz gaty ejizdiris. Biziň güýjümiz özgelerdedir: Togruldadyr, Çagrydadyr, Ybraýymdadyr. Biz ýekelikde hiç kimdiris. Ikimiz bizi goraýan gulamlardan hem ejizdiris. Biziň güýjümiz – olaryň biziň bilenligindedir. Howlukmaçlyk betbagtlykdyr, hiç bir zatda howlukmaly däldiris. Ertirki günüň aladasyny ertir ederis. Ertirki güni Allatagala kesgitleýär. Ikimiziň dil düwüşmegimiz, bir çukura tüýkürmegimiz hiç zat aňlatmaýar. Biziň ykbalymyz töwekgellikde. Çünki biziň ýyldyzymyz Zühal. Zühal – töwekgellik. Ertir Allatagala töwekgelligiň üsti bilen bizi täze ýaşaýşa atarar. Biziň ykbalymyzy Allatagala kesgitleýär. Ikimizem Allatagalanyň bizi ertirki gün nähili töwekgellige duçar eýlejekdigini bilmeýäris.
– Babam ýyldyzlara seredip, seniň patyşa boljakdygyňy aýdypdy. Ýadyňdamy?
– Ýadymda.
– Bu barada Çagry bilen Togrul-da bilýär.
– Bilse bilsinler.
– Olar seni patyşa götermek isleýärler.
– Men patyşa boljak däl. Eşidýärmiň? Düşünýärmiň?
– Eşidýärin, ýöne düşünmeýärin.
– Men patyşa boljak däl, men Çagrydyr Togrula nedim boljak, wezir boljak.
– Näme üçin? näme üçin patyşa bolmak islemeýärsiň? Hakykaty aýt.
– Asmandaky lut tagtasynda34 bize nähili takdyr ýazylan bolsa şol hem bolar. Allatagalanyň şol lut tagtasyndaky ýazgyny üýtgedip biljek adam ýok. Şonuň üçin ertirki günüň – patyşalygyň gürrüňini ýeri gelende ederis. Ýöne häzir şu günümiz bilen ýaşaly. Mundan ýigrimi ýyl öň sen gije ýatanyňda ýatan ýeriňe buşugýardyň. Indi buşugýan däl bolsaň gerek. Sebäbi sen şol günler maňa akyl berjek bolmaýardyň. Ýogsa-da, bilýärmiň näme – diýip, Gutulmyş ýylgyrjaklady. – Soltan Masut çaga wagty edil seniň ýaly, gije düşegine buşugýan eken. Onuň

bu bolşuny goýduryp bilmändirler. Bu habary Mahmyt eşidipdir.
— Meniň ýanymda Mahmydy öwmesene — diýip, Resultegin gaharlandy.
— Näme üçin? Sen özüňi soltan Mahmytdan akylly hasaplaýarmyň? Ine, seniň iň uly betbagtlygyň. Hernäçe gynançly bolsa-da, saňa bir hakykaty aýdaýyn. Soltan Mahmyt ikimizdenem parasatly adam bolupdyr. Hawa, hawa, hakyt şeýle. Häzir onuň akyl-parasadynyň beýikligini saňa subut etmekçi boljak däl, ýöne onuň oglunyň gije buşukmasyny goýduryşyny aýdaýyn.
— Ol ökde lukman bolupdyr diý.
— Ýok, ol ökde lukman bolmandyr, ýöne ol adamy, adama nädip täsir etmelidigini bäş barmagy ýaly bilipdir. Ol ogly Masudy ýanyna çagyrypdyr. «Oglum, eşidişime görä, sen her gije ýatan ýeriňe buşugýarmyşyň. Bu örän gowy…» diýipdir.
— Nämesi gowy onuň?
— Nämesiniň gowudygyny men bilmeýärin. Men saňa onuň ogluna aýdan sözüni gürrüň berýärin.
— Bolgusyz gürrüň.
— Islemeseň, gürrüň berjegem däl.
Resultegin dymdy.
— Mahmyt ogluna: «Masut, şu günden başlap, men saňa her buşugan gijäň üçin ýigrimi dinar berjek» diýipdir.
— Näme üçin?
— Masut babasynyň bu sözüne begenipdir. Ol hasaplap görüpdir, on günüň içinde iki ýüz dinar «gazanç» edip biljek. Masut gaty köp dinar ýygnaryn öýdüpdir. Ýöne şol gürrüňden soň ol gije ýatan ýerine buşukmagyny goýupdyr.
— Sen soltan Mahmyda aşa hormat-hatyra goýýarsyňmy ýa bu meniň göwnümemi? — diýip, Resultegin Gutulmyşa tiňkesini dikdi…
— Resultegin, meniň saňa aýtmaly, maslahatlaşmaly bir habarym bar, men ony saňa nähili aýtjagymy bilmeýärin — diýip, Gutulmyş inisiniň ýüzüne müýnli bakdy.
— Agam, menden hiç zat ýaşyrma. Ýüregiňdäkini göni aýt.
— Özümem şu pikirde. Men saňa göni aýdaýyn. — Gutulmyş başyny aşak salyp, söze başlady. — Sünbüle ýadyňdamy?
— Ony şindem ýatlap ýörmüň?
— Hawa, ýatlap ýörün.

— Munyň-a bolanok, unut ony.
— Wa-weýlat-a, men ony unutjak, ýöne unudyp bilemok. Unutmaga çalyşdygymsaýy ol şonça-da ýadyma köp düşýär. Ony göresim gelýär. Ynan, ony şeýlebir göresim gelýär, ondan ötünç soramak isleýärin.
— Getirip bereýinmi?
— Ol mümkinmi?
— Perwerdigärimiz seljuklylara eçildi: döwlet, hökmürowanlyk berdi. Bize Perwerdigärimiziň mertebe nury düşýär. Bu günki gün bol-bol, Seljuk bol, näme etsek bolýar, näme islesek bolýar. Sünbüläniň Merwe getirmek meniň üçin müşgil däl. Ýöne bir zady aýdaýyn: bu gün öňki Sünbüläň ýokdur. Eýýäm gartaşandyr, garry kempire öwrülendir.
— Ol meniň ýaşlygym. Ol meniň düýşüme girýär. Düşünýärsiňmi?
— Näme?
Gutulmyş inisinden beýle sowala garaşmadyk bolarly, gözlerini petretdi, nämedir bir zatlary aýtjak boldy, ýuwdundy:
— Düşüneňokmy? Ol meniň düýşüme girýär. Ony şeýlebir göresim gelýär.
— Men seni Merwe elteýin. Ana, şondan soň men Buhara sary gidibirin.
— Senden tamam hem şeýledi, Resultegin.
— Ol nekgendäniň ady nämedi?
— Şonam bileňokmy?
— Ýadymdam çykypdyr.
— Heý, onuň adam ýatdan çykarmy?! Bahadur han bolmaly onuň ady. Ol garahanlylaryň şasy. Alyteginiň weziridi.
— Baş wezirmi?
— Ýok, baş wezir-ä bomaly däl.
Hindiguş dagynyň beýik gullasynda olaryň hylwaty gürrüňini hiç kim eşidip biljek däldi. Olaryň ýakynynda hiç kim ýokdy. Bu ýeri hylwaty gürrüň etmek üçin, hakykatdan hem amatlydy. Bu gün ýigrimi ýylyň aýralygyndan soň, özünden bir müçe kiçi Resultegine Gutulmyş ýüregini açaýjak ýalydy. Resultegin ýüregini açypdy, ýöne Gutulmyş hernäçe açyk gürlemek isleýän-de bolsa, ýalňyz doganyna ýüregini açmandy.
Bu günki hylwaty söhbetden Resultegin kanagatlanmady. Has

anygy, ol Gutulmyşdan öýkeledi. Öýkesini Jemşit şanyň jyny jürdege salyp, deňze oklaýşy ýaly, kalbynyň törüne atyp goýdy. «Meniň diýenime gulak asmasaň, itiň art aýagyndan suw içersiň entek» diýip içini gepletdi.
Adam öz eziz gören adamyna ýagşylyk etmek isleýär, onuň nädende bagt tapjagyny salgy berýär, ýöne şol ezizlenen adam özüne ediljek bolunýan ýagşylyga ýa düşünmeýär, ýa düşünse-de düşünmedikden bolýar. Has dogrusyny aýdanyňda-ha, yhlasyň ýüzüne urulýar. Arzan, mugt zatda hümmet bolmaýar diýilmesi, megerem, Resulteginiň janykmasy babatda aýdylan bolmaly.
Resultegin gullada edilen şol ikiçäk gürrüňden soň Gutulmyşdan biçak göwni galdy. Ol özüniň göwnüniň galandygyny gizlejegem bolup ýörmedi, agasy bilen sowuk-sala gürleşdi. Asyl Merwe barylýança olaryň arasynda suwytly gürrüň bolmady. Taryhy proza